# Alatoo

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Alatoo ALATOO

Alatoo-Aladag
Bu gün çykdym ýola, dag.
Gözelligñi ýazmaga
Galam aldym gola, dag.

Mydam ap-ak telpekli,
Arçalardan gulpakly.
Nusgany senden alyp,
Illeñ gezýär galpakly.

Senden başlanýar säher,
Sende düşleýär säher,
Başyñ sowuk gyş bolsa,
Aýagyñ ala bahar.

Sen gyrgyzyñ guwanjy,
Ýüreginiñ begenji,
Sen oñ duzy, çöregi,
Mülki, hazyna, genji.

Gujagña bulut gonýar,
Göwsüñden suwlar önýär,
Çeşmeleriñ goşlaşyp,
Däli çaýlara dönýär.

Depeleñde ümür bar,
Sende kükürt, kömür bar.
Baýlygyñ köp sanardan,
Hek bar, zäk bar, demir bar.

Señ goýnuña bakaýly,
Döşe güller dakaýly.
Jülgeleriñ sapaly,

Gün geçmeýän tokaýly.

Ýüzüp bardym gaýykly,
Zawlañ pesli, beýikli,
Dereleriñ gaplañly,
Käkilikli, keýikli.

Alatoo □ Aladag!
Gelerin köp ýola, dag.
Seniñ waspyñy ýazdym
Galam alyp gola, dag!

## GÖKKÖL

Azerbeýjan topragynda
Dünýã nurun saçan Gökköl.
Ter otlaryñ ýapragynda
Dürli güller açan Gökköl.

Gür tokaýlyk dört ýanyñda.
Hödür-hezzet duz-nanyñda
Mawy dürli asmanyñda
Bürgüt, laçyn uçan Gökköl.

Töweregiñ Kepezdagy.
Eteginde seýil bagy.
Ir säherler, agşam çagy
Jerenler suw içen Gökköl.

Seni saýlap eziz ýer dek,
Erkan ýüzýär guwdur ördek.
Tomus düşse,
Eneler dek,
Çagalary guçan Gökköl.

Seýran edip dostlar bilen,
Gitdim belent-pesler bilen.
Şirin nagma sesler bilen
Maña gujak açan Gökköl.

Egrilip giñ saçagyña,
Kebap ýapdym ojagyña,
Ýene seniñ gujagyña
Gelerin men haçan Gökköl?! Goşgular